# Goja we gök çaý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Goja we gök çaý GOJA WE GÖK ÇAÝ

Goja gök çaý bilen ysnyşdy juda,
Bir gün oñup biljek däldi gök çaýsyz.
Bir-birinden hiç wagt düşmeýän jyda
Dostdular taýsyz.

Goja ine bir gün şähere gitdi,
Şäher ýoly örän uzakdy uzak.
Gök çaýyn galdyryp, kän puşman etdi
Goja şol gezek.

Goja ogly bilen yranyp barýar,
Şäherde agtygy bardy gojanyñ.
Prowodnik oña gazly suw berýär:
«Gönener janyñ!»

Goja suwy içip, başyn ýaýkaýar,
Soraýarlar: «Neneñ eken gazly suw?!»
«Hiç neneñ däl welin, çaýyñ ornuny,
Tutup bilmez bu!»

Goja garry daýza hödür edýär çal,
Çal tütedip barýae gojanyñ burnun.
«Aýdyp otur, niçik gördüñ çaly, çal?!»
«Tutmaz çaý ornun!»

Goja bir gyz hödür edýär limonad:
«Belki-de şu tutar çaýyñ ýerini?!»
«Gyzym, çaýyñ ýerin tutmaz beýle zat!»
Syrýar derini.

Gija ahyrsoñy ýetýär şähere,
Begenip öñünden çykýar agtygy.
«Çaý demläpjik goýdum, bilýänim üçin

Geljek wagtyňy!»

Goja telpegini bir gyra oklap,
Gök çaýly çäýnegi öňüne alýar:
«Indi bildim, çaýy agtyk demlände,
Has süýji bolýar!»

■ GÜÝZ GÖRNÜŞLERI

Tomus geçdi howry bilen ýandyryp,
Giriber, açyldy güýzüň gapysy:
Çykaran jüýjesin ganatlandyryp,
Göçüp barýar saýrak guşlaň köpüsi.

Ünslije äňetseň iki-bakana,
Görýärsiň çöplükde busan towşany.
Akbaş tozgalary gonýar ýakaňa,
Ýada salyp gyşda garyň ýagşyny.

Ýapraklar gaçyp dur çala şybyrdap,
Sowuk kakan ot-çöpleriň ysy bar.
Oglanlaň oýnagy suwy sowlan ýap,
Şykga palçygynda köpleň yzy bar.

«Jüýje sanaşykdan» tamakin hersi,
Daýhanlar özüne hasabar berýär.
Eňňerä kowulyp kolhozyň sürsi,
El boşaşyp, barha toý güräp barýar.

Aşyk-magşuklar hem yşk hasylyny,
Orup,
Başyn birleşdirýär köpüsi.
…Dynç alşa ugradyp tomus paslyny,
Güýz geldi,
Giriber, açyk gapysy…

Hemra ŞIROW. Goşgular